Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2019-njy ýylyň 18-nji noýabryndaky
№ 126 buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 24-oh «Maldarçylygyň ýagdaýy barada jemleýji hasabat» (ýyllyk)**
**döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**
**GOLLANMA**

№ 24-oh **«Maldarcylygyň ýagdaýy barada jemleýji hasabat»** formany daýhan birleşikleri, edaralaryň we kärhanalaryň kömekçi hojalyklary we oba hojalyk önümlerini öndürýän beýleki kärhanalar ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna we özünden ýokarda durýan edarasyna tabşyrýarlar.

**1 bölüm. Maldarçylyk önümleriniň öndürilişi**

Ähli öndürilen (ösdürilen) mallaryň we guşlaryň diri agramy - hojalykda alnan (doglandaky) ýaş mallaryň agramy, ýaş mallaryň ösen we artan agramlary, mallary idetmek, baga bakmak we örüde bakmak arkaly alnan goşmaça we ösen agramlar goşulyp diri agramda görkezilýär.

01-nji **«Alnan ýaş mallaryň diri agramy»** – diýen setirde daýhan birleşigine degişli bolan mallardan hasabat döwründe alnan ýaş mallaryň doglandaky diri agramy hasaba alynýar.

02-nji **«Mallary idetmek, baga bakmak we örüde bakmak arkaly artan agramy»** – diýen setirde mallaryň artan agramlary diri agramda görkezilýär. 03-nji setirde, şolardan: enesinden aýrylmadyk owlak-guzular we jojuklar ösen agramda görkezilýär.

04-nji **«Baga we örüde bakylanda iýmitlendirilen günleriň sany»** – diýen setirde mallaryň we guşlaryň görnüşleri boýunça ýylyň başyndan ösýän jem bilen mallaryň baka goýulyp iýmitlendirilip başlan güninden bakydan aýrylan günine çenli gün sanlary görkezilýär.

05-nji **«Haram ölen ýaş mallaryň we guşlaryň diri agramy, şeýle hem baga bakylýan we örüdäki soýlan mallaryň agramy (ölmeziniň öň ýanynda çekilen agram)»** – diýen setirde haram ölen ýaş mallaryň, şeýle-de baga bakylýan we örüdäki ölen mallaryň diri agramy görkezilýär. Baga bakylýan we örüdäki mallaryň şeýle hem ýaş mallaryň we guşlaryň agramy hasaplananda iň soňky gezek haçan agramy çekilen bolsa şol agramy alynýar we 06-njy setirde görkezilmeýär.

06-njy **«Ähli ösdürilip ýetişdirileni, diri agramda»** – diýen setirde hojalyklarda ähli ösdürilip ýetişdirilen mallaryň we guşlaryň diri agramy görkezilýär.

07-nji **«Mallardan we guşlardan öndürilen et, diri agramda»** – diýen setirde 3-nji bölümiň **«Mallaryň we guşlaryň hereketi»** 15-nji setirdäki **«Döwlete satylany»** mallaryň we guşlaryň diri agramy, 18-nji setirlerindäki **«Hojalykda soýlany»** mallaryň we guşlaryn diri agramy we 21-nji setirdäki **«Gaýry soýlup satylany»** mallaryň we guşlaryn diri agramlary goşulyp görkezilýär. Zähmet haky üçin berlen diri görnüşdäki mallar şu setirde görkezilmeýär.

08-nji **« Mallardan we guşlardan öndürilen et, soýlan agramda »** – diýen setirde 3-nji bölümiň **«Mallaryň we guşlaryň dolanşygy»** 16-njy setirdäki **«Döwlete satylany»** mallaryň we guşlaryň soýlan agramy, 19-njy setirlerindäki **«Hojalykda soýlany»** mallaryň soýlan agramy we 22-nji setirdäki **«Gaýry soýlup satylany»** mallaryň we guşlaryn soýlan agramlary goşulyp görkezilýär.

09-njy **«Jemi sagylan süýt»** – diýen setirde ähli alnan süýdüň mukdary görkezilýär.

10-njy **«şol sanda: sygyrlardan** sagylan **süýt»** – diýen setirde sygyrlardan ähli alnan süýdüň mukdary görkezilýär. Göleleriň emýän eneke sygyrlarynyň süýdi hasaba goşulmaýar.

11-nji **«düýelerden sagylan süýt»** – diýen setirde düýelerden alnan ähli süýdüň mukdary görkezilýär. Köşekleriň emýän süýdi hasaba goşulmaýar.

12-nji **«Guşlaryň ähli görnüşleri boýunça alnan ýumurtga»** – diýen setirde hojalykdaky guşlaryň ähli görnüşlerinden alnan ýumurtganyň mukdary (alnan ýumurtgalardan inkubatora jüýje çykarmak üçin goýlan bolsa, onda ol ýumurtgalary hasaba almak bilen) görkezilýär.

13-nji **«şolardan: guzlaýan towuklardan alnany»** – diýen setirde hojalykdaky towuklardan alnan ýumurtganyň mukdary görkezilýär. Şeýle-de satyn alnan ýa-da beýleki hojalykdan alnan ýumurtgalar hasaba alynmaýar.

14-nji **«Jemi gyrkylan ýüň»** – diýen setirde hojalykdaky jemi gyrkylan ýüň fiziki agramda görkezilýär.

15-nji **«Goýunlardan gyrkylan ýüň – hemmesi»** – diýen setirde hojalykdaky goýunlardan gyrkylan ýüň fiziki agramda görkezilýär. Goýunlardan beýleki görnüşli mallardan alnan ýüň, şeýle-de beýleki hojalyklardan satyn alnan ýüňler şu setire goşulmaýar.

16-njy **«şol sanda: saryja goýunlardan»** - diýen setirde saryja guýunlardan gyrkylan ýüň fiziki agramda görkezilýär, şeýle-de satyn alnan we beýleki hojalyklardan alnan ýüňler şu setire goşulmaýar.

17-nji **«garaköli goýunlardan»** – diýen setirde garaköli goýunlardan gyrkylan ýüň fiziki agramda görkezilýär, şeýle hem satyn alnan we beýleki hojalyklardan alnan ýüňler şu setire goşulmaýar.

18-nji **«beýleki goýunlardan»** – diýen setirde beýleki goýunlardan gyrkylan ýüň fiziki agramda görkezilýär, şeýle hem satyn alnan we beýleki hojalyklardan alnan ýüňler şu setire goşulmaýar.

19-njy **«Düýelerden gyrkylan ýüň»** – diýen setirde düýelerden gyrkylan ýüň fiziki agramda görkezilýär, şeýle-de satyn alan we beýleki hojalyklardan alnan ýüňler goşulmaýar.

20-nji **«Geçilerden alnan çöpür we sütük»** – diýen setirde geçilerden gyrkylan çöpür we sütük fiziki agramda görkezilýär.

21-nji **«Ary baly»** – diýen setirde ähli bal ary maşgalasyndan alnan ary balynyň mukdary görkezilýär.

22-nji **«Balyk tutulyşy»** – diýen setirde ähli balyk tutulyşynyň mukdary görkezilýär.

23-nji **«Piläniň öndürilişi»** – diýen setirde ähli piläniň öndürilişiniň mukdary görkezilýär.

24-nji **«Garaköli bagana»** – diýen setirde alnan garaköli bagananyň möçberi görkezilýär.

## 2 bölüm. Mallaryň we guşlaryň baş sany

01-nji **«Gara mallaryň baş sany, hemmesi»** – diýen setirde hojalyga degişli gara mallar nirede bakylýanlygyna ýa-da saklanýandygyna garamazdan hasabat döwrüniň başynda ähli bar bolany hasabatda görkezilýär.

02-nji **«şolardan: sygyrlar»** – diýen setirde bakydaky we göleleri toparlaýyn emdirmek üçin bölünip aýrylan sygyrlardan başga ähli sygyrlar görkezilýär.

03-nji **«Baka goýmak üçin esasy sürüden aýrylan sygyrlar»** – diýen setirde baka goýlan ene sygyrlaryň ähli baş sany görkezilýär.

04-nji **«Iki ýaşly we ondan uly tüweler»** - diýen setirde iki ýaşly we ondan uly tüweleriň ähli baş sany görkezilýär.

05-nji **«şol sanda: bugadan çykany»** – diýen setirde bugadan çykan tüweler görkezilýär.

06-njy **«gysyr galany»** – diýen setirde gysyr galan tüweler görkezilýär.

07-nji **«Höwür öküzler»** – diýen setirde höwür öküzleriň baş sany görkezilýär.

08-nji **«Gylýallaryň – hemmesi»** – diýen setirde hojalykdaky ähli ýaşdaky gylýallaryň baş sany, 09-njy setirde şolardan ene baýtallar, 10-njy setirde işçi ýabylar 11-nji setirde – ähli gylýallardan ahalteke tohumy, 12-nji setirde ýomut atlarynyň baş sany görkezilýär.

13-nji **«Düýeler – hemmesi»** – diýen setirde hojalykdaky ähli ýaşdaky düýeleriň baş sany görkezilýär. 14-nji setirde – **«şondan: inen düýeler»** – hojalykdaky inen düýeleriň baş sany görkezilýär.

15-nji **«Goýunlar - ähli görnüşleri»** – diýen setirde hojalykdaky goýunlaryň ähli görnüşleri boýunça baş sany görkezilýär.

16-njy **«şol sanda: garaköli goýunlar»** – diýen setirde hojalykdaky garaköli goýunlaryň baş sany görkezilýär.

17-nji **«şolardan: ene goýunlar»** – diýen setirde hojalykdaky ene goýunlar görkezilýär.

18-nji «**saryja goýunlar**» – diýen setirde hojalykdaky saryja goýunlaryň baş sany görkezilýär.

19-nji **«şolardan: ene goýunlar»** – diýen setirde hojalykdaky ene goýunlar görkezilýär.

20-nji «**beýleki goýunlar**» – diýen setirde hojalykdaky beýleki goýunlaryň baş sany görkezilýär.

21-nji **«şolardan: ene goýunlar»** – diýen setirde hojalykdaky ene goýunlar görkezilýär.

22-nji **«Geçileriň-hemmesi»** – diýen setirde hojalykdaky ähli ýaşdaky geçileriň baş sany görkezilýär.

23-nji **«şolardan: ene geçiler»** – diýen setirde hojalykdaky ene geçiler görkezilýär.

24-nji **«Doňuzlar – hemmesi»** – diýen setirde ähli ýaşdaky doňuzlaryň baş sany, 25-nji setirde - **«şolardan: ene doňuzlar»** hojalykdaky ene doňuzlaryň baş sany görkezilýär.

26-njy **«Guşlaryň ähli görnüşleri»** – diýen setirde hojalykdaky ähli görnüşli guşlaryň baş sany görkezilýär, 27-nji **«şolardan: guzlaýan towuklaryň»** – diýen setirde hojalykdaky guzlaýan towuklaryň baş sany görkezilýär.

28-nji **«Towşanlar»** – diýen setirde ähli towşanlaryň baş sany görkezilýär.

29-njy **«Bal ary maşgalasy, sany»** – diýen setirde ähli bal-ary maşgalasynyň sany görkezilýär.

30-njy **«Sagylýan sygyrlaryň ortaça baş sany»** – diýen setirde hojalykdaky sagylýan sygyrlaryň ortaça baş sany görkezilýär.

31-nji **«Guzlaýan towuklaryň ortaça baş sany»** – diýen setirde hojalykdaky guzlaýan towuklaryň ortaça baş sany görkezilýär.

32-nji **«Goýunlaryň ortaça baş sany»** – diýen setirde hojalykdaky goýunlaryň ortaça baş sany görkezilýär.

## 3 bölüm. Mallaryň we guşlaryň hereketi

Mallaryň we guşlaryň hasabat döwründe hakyky bary we hereketi görkezilýär. Maglumatlar ýylyň başyndan ösýän jem bilen görkezilýär.

01-nji **«1.01.20__ ý. bar bolan mallaryň we guşlaryň sany – hemmesi»** – diýen setirde hojalykda hasapda duran ähli mallar we guşlar, olaryň nirede bakylýanlygyna, ýa-da saklanýandygyna garamazdan (kärendesine, ilata şertnama esasynda, maşgala potratçylygyna we ş.m. berileni) girýärler.

02-nji **«Gölelän sygyrlaryň, tüweleriň, goýunlaryň, geçileriň, baýtallaryň, doňuzlaryň we botlan düýeleriň – hemmesi»** – diýen setirde ýylyň dowamynda mallaryň ikinji gezek guzlan ýagdaýynda onda ol mallar gaýtadan ikinji gezek hasaba goşulmalydyr. Şu setirde diňe diri ýaş mal guzlan mallaryň baş sany görkezilýär.

03-nji setirde – şolardan guzlan tüweler, jojuklan ýaş doňuzlar görkezilýär.

04-nji **«Diri dogulan göleler, guzylar we owlaklar, köşekler, taýlar, jojuklar, kürk towuklardan we inkubatorlardan alnan jüýjeler»** – diýen setirde diri dogulan göleler, guzylar we owlaklar, köşekler, taýlar, jojuklar, kürk towuklardan we inkubatorlardan alnan jüýjeler görkezilýär.

05-nji setirde – şolardan esasy ene mallardan alnan ýaş mallar görkezilýär.

06-njy **«Oba hojalyk kärhanalaryndan we gaýry edaralardan satyn alnany»** – diýen setirde alyş–çalyş etmek arkaly getirilen we satyn alnan mallaryň we guşlaryň baş sany görkezilýär. 07-nji setirde - oba hojalyk kärhanalaryndan we gaýry edaralardan satyn alnan mallaryň we guşlaryň diri agramy görkezilýär.

08-nji **«Ilatdan satyn alnany»** – diýen setirde ilatdan satyn alnan mallaryň we guşlaryň baş sany, 09-njy setirde bolsa olaryň diri agramy görkezilýär.

10-njy setirde şondan 08-nji setirden soýmak üçin ilatdan (hususy hojalyklardan) satyn alnan mallaryň we guşlaryň baş sany, 11-nji setirde bolsa olaryň diri agramy görkezilýär.

12-nji «**Daýhan (fermer) hojalyklaryndan we beýleki hususy öndürijilerden satyn alnany» -** diýen setirde daýhan hojalyklardan we beýleki hususy öndürijilerden satyn alnan mallaryň we guşlaryň baş sany, 13-nji setirde – olaryň diri agramy görkezilýär.

14-nji «**Döwlete satylany**»setirde döwlete satylan mallaryň we guşlaryň baş sany, 15-nji setirde bolsa olaryň diri agramy görkezilýär, 16-njy setirde olaryň soýlan agramy görkezilýär.

17-nji «**Hojalykda soýlany**» – diýen setirde hojalygyň özünde soýlan mallaryň we guşlaryň (jemgyýetçilik iýmiti höküminde ulanylany hem goşmak bilen) baş sany, 18-nji setirde bolsa olaryň diri agramy görkezilýär, 19-njy setirde olaryň soýlan agramy görkezilýär.

20-nji «**Gaýry soýlup satylany**» – diýen setirde hojalykda gaýry soýlup satylan mallaryň we guşlaryň (çopanlara huruşlyk berleni we zähmet haky uçin goşmazdan) baş sany, 21-nji setirde bolsa olaryň diri agramy görkezilýär, 22-nji setirde olaryň soýlan agramy görkezilýär.

23-nji «**Çopanlara diri görnüşinde berleni**» – diýen setirde çopanlara zähmet hakynyň hasabyna berlen mallaryň we guşlaryň baş sany görkezilýär, 24-nji setirde bolsa olaryň diri agramy görkezilýär.

25-nji «**Bagana almak üçin soýlan guzylar**» – diýen setirde hojalykda mejbury ýagdaýynda bagana almak üçin soýlan guzylaryň (öli doglan guzylary goşmak bilen) baş sany görkezilýär.

26-njy «**Oba hojalyk kärhanalaryna we edaralaryna satylany, geçirleni, alyş-çalyş edileni we gaýry ýollar bilen ýerleşdirileni**» diýen setirde oba hojalyk kärhanalaryna we edaralaryna satylany, geçirleni, alyş-çalyş edileni we gaýry ýollar bilen yerleşdirilen mallaryň we guşlaryň baş sany (daýhan hojalyklaryna we ilata satylanlaryndan başga) görkezilýär. 27-nji setirde – olaryň diri agramy görkezilýär.

28-nji «**Ilata satylany we berleni, bazarda satylan ýaş mallary hem goşmak bilen**» – diýen setirde ilata satylany we berleni, bazarda satylan ýaş mallary hem goşmak bilen görkezilýär. Şu setirde daýhan hojalyklaryna berlen mallar girmeýärler. Şeýle-de daýhan birleşigiň işgärlerine goşmaça zähmet hakynyň hasabyna, ýa-da zähmet hakynyň hasabyna we mugt berlen mallar hem girýärler. Bazarlarda satylan mallar we guşlar hem şu setirde görkezilýär, 29-njy setirde olaryň diri agramy görkezilýär.

30-njy «**28-nji setirden ilata we hususy öndürijilere satylan ýaş mallar**» – diýen setirde ilata we hususy öndürijilere satylan ýaş mallaryň baş sany aýratynlykda görkezilýär.

31-nji «**Daýhan hojalyklaryna we beýleki hususy öndürijilere satylany**» – diýen setirde daýhan hojalyklaryna we beýleki hususyýetçilere satylan mallar we guşlar görkezilýär, 32-nji setirde - olaryň diri agramy görkezilýär.

33-nji «**Hemme ýaşdaky haram ölen mallar, ýaş mallary goşmak bilen**» – diýen setirde hemme ýaşdaky haram ölen mallaryň we guşlaryň baş sany görkezilýär.

34-nji «**şolardan: keselläp haram öleni**» – diýen setirde keselläp haram ölen mallar görkezilýär.

35-nji «**Baka goýmak üçin esasy sürüden aýrylan sygyrlar**» – diýen setirde baka goýmak üçin esasy sürüden aýrylan sygyrlaryň hemmesi görkezilýär.

36-njy «**1.01.20___ ýagdaýyna mallaryň we guşlaryň hakyky bar bolany – hemmesi**» – diýen setirde hasabat döwrüniň ahyryna galan mallaryň we guşlaryň baş sany görkezilýär, 37-nji setirde olaryň diri agramy görkezilýär.

38-nji «**36-njy setirden ene mallaryň hemmesi**» – diýen setirde hasabat döwrüniň ahyryna galan mallaryň we guşlaryň baş sanyndan ene mallaryň bas sany aýratynlykda görkezilýär, 39-njy setirde - olaryn diri agramy görkezilýär.

40-njy «**Esasy sürüden göleleri toparlaýyn emdirmek üçin bölünip aýrylan ene sygyrlar**» – diýen setirde esasy sürüden göleleri toparlaýyn emdirmek üçin bölünip aýrylan ene sygyrlar görkezilýär.

41-nji «**Baga bakylýan we örüdäki mallaryň baş sany**» – diýen setirde baga bakylýan we örüdäki mallaryň baş sany görkezilýär.

42-nji «**Gulajynlardan sygyra geçirileni**» – diýen setirde gulajynlardan sygyra geçirileni mallaryň baş sany görkezilýär.

**Oba hojalygynyň statistikasy**
**we seljeriş müdirligi**